# Kyýamatyñ alamaty ýaly jojuk…

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kyýamatyñ alamaty ýaly jojuk… KYÝAMATYÑ ALAMATY ÝALY JOJUK…

"*Suraty hynzyr sypat nakşy-bedenler andadur*".
*Magtymguly Pyragy.*

Hytaýyñ günortasyndaky Nanning diýen ýerde ýaşaýan mülkdar Tao Li saklaýan doñuzlarynyñ biriniñ guzlan jojugyny görende, gözlerine ynanmady.
Käbirleri bu gorkunç mahlugy kyýamatyñ alamaty hasaplaýar.

■ Täsin mahluk

Adamyñ ýüzüne çalymdaş keşpli doglan jojuk gysga wagtyñ içinde halkyñ ünsüni özüne çekdi. Tao Liniñ bu doñuzy bir guzlanda 19 sany jojuk guzlady. Jojuklaryñ iñ soñky doglanynyñ ýüzi bolsa adamyñ ýüzüne meñzeýär.

■ Ölen jojugyñ hyrydary köpelýär

Tao Li doñzunyñ guzlan 19 jojugynyñ içinden biriniñ deformirlenen keşbini görende zähresi ýarylara gelendigini gürrüñ berdi. Bu jojuga enesi ýüz bermänsoñ, kän wagt geçmän öldi.
Täsin jojugyñ ölendigine garamazdan, doñzuñ eýesine jojugy satyn almak üçin ep-esli pul hödürlemeleri gelip başlady.

Internet habarlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar